# Ýaş hukuk goraýjy işgäre öwüt

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýaş hukuk goraýjy işgäre öwüt ÝAŞ HUKUK GORAÝJY IŞGÄRE ÖWÜT




Eşidýänsiň welin, ýene-de diňle,
Öwüt bilen özgerýändir bu dünýe.
Nazary sendedir mydam her kesiň,
Özgelerden çünki, aýra lybasyň.

Ilki başda hergiz, düzet özüňi,
Düzüw dälmiň, diňlemezler sözüňi.

Päklik, edeplilik ýaly ýörelge,
Sende bolmagyna bolgun görelde.

Ýakymsyz hereket etmegin, asla,
Ýaramaz ýollardan gitmegin, asla.

Mätäje kömege bol mydam taýýar,
Çünki il-gün seni hossary saýýar.

Adalaty aýa, daş dur galplykdan,
Saýgarjak bol mydam çäji-halpykdan.

Azgynyň deňinden sowa geçmegin,
Dogry ýola salmaklykdan gaçmagyn.

Oka, bil, öwren hem ýadyňda sakla,
Okamak, öwrenmek gerek her çakda.

Öz käriň abraýyn aýagyn, ýigit,
Bilim, ukybyňa daýangyn, ýigit.

Hemra bolsun abraý bilen üstünlik.
Watana, halkyna edýäne gulluk,

2001 ý. Goşgular